#29 (51)
понедельник, 19 июля 2021 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

17-nji iýulda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda öňde duran wezipeler hem-de şu ýylyň ikinji ýarymy üçin daşary syýasy işler, şeýle hem ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli meýilleşdirilen çärelere görülýän taýýarlyk bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanynyň mejlisiň başynda belleýşi ýaly, öňde durýan şanly sene mynasybetli medeni-durmuş, önümçilik maksatly binalaryň we desgalaryň açylyş dabaralaryny geçirmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak zerur bolup durýar. Baýramçylygyň öň ýanynda meýilleşdirilen Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisi esasy wakalaryň biri bolar.

Ýylyň ahyryna çenli öňümizde alyp barýan hoşniýetli daşary syýasatymyz esasynda baky Bitaraplygymyza esaslanýan ençeme halkara çäreler bar diýip, milli Lider sözüni dowam etdi. Şeýlelikde, awgust aýynda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy, soňra bolsa Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň döwlet Baştutanlarynyň sammiti geçiriler. Bu çäre üçtaraplaýyn dost-doganlyk gatnaşyklaryny hasda ösdürmäge ýardam berer. Bulardan başga-da, ýurdumyzda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 15-nji forumyny hem-de Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň 6-njy duşuşygyny geçirmek göz öňünde tutulýar.

Baky Bitaraplygyň şanly baýramçylygyna bagyşlanan çärelere ençeme döwlet Baştutanlaryny, meşhur syýasatçylary we alymlary çagyrmak meýilleşdirildi.

Görnüşi ýaly, ýylyň ahyryna çenli Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna degişli möhüm meseleleriň we çäreleriň birnäçesini geçirmek bellenildi diýip, milli Lider aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň gün tertibini yglan edip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berdi.

Wise-premýer, daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy ýakynda Türkmenistanyň wekiliýetiniň Daşkent şäherinde saparda bolup, «Merkezi we Günorta Aziýa: sebit özara baglanyşygy. Şertler we mümkinçilikler» atly ýokary derejedäki halkara maslahata gatnaşandygy, forumyň öňüsyrasynda türkmen tarapynyň başlangyjy boýunça Merkezi Aziýa döwletleriniň daşary işler ministrleriniň duşuşygynyň bolandygy, onuň dowamynda sebitiň ýurtlarynyň arasynda dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylandygy barada hasabat berdi. Wise-premýer, daşary işler ministri şu ýylyň awgustynda Türkmenistanda geçirilmegi göz öňünde tutulýan Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyna hem-de halkara forumlaryň çäklerinde guraljak ikitaraplaýyn duşuşyklara, sergilere, maslahatlara görülýän taýýarlyk işleri barada giňişleýin maglumat berdi. Şol bir wagtda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň jemleri boýunça degişli resminamalara gol çekmek meýilleşdirilýär.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedow gözegçilik edýän ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynyň işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler, şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» amala aşyrmagyň barşy hakynda hasabat berdi.

Wise-premýer Hazaryň kenarynda geçirilmegi meýilleşdirilen ykdysady forumyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek maksady bilen, degişli edaralar bilelikde zerur bolan taýýarlyk işleriniň alnyp barylýandygyny, bu ugurda ähli tagallalaryň edilýändigini belledi.

Soňra Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa 6-njy awgustda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýa döwletleriniň zenanlarynyň dialogyny ýokary derejede geçirmek boýunça degişli işleriň alnyp barylýandygyny habar berdi. Bu çäräniň esasy maksady gender deňligini üpjün etmek boýunça Merkezi Aziýa ýurtlary tarapyndan durmuşa geçirilýän syýasata syn bermek hem-de sebitiň döwletleriniň zenanlarynyň arasynda durmuş-ykdysady, saglygy goraýyş, medeni we ylmy ugurlar boýunça köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen gepleşikleri ilerletmek bilen bagly meselelere garamakdan ybaratdyr. Duşuşyga daşary ýurtlaryň wekilleriniň hem-de BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysynyň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar.

Mejlisiň Başlygy forumyň maksatnamasy barada maglumat berdi. Myhmanlar üçin türkmen amaly-haşam sungatynyň hem-de sebitiň halklarynyň milli tagamlarynyň sergisi we «Awaza» milli syýahatçylyk zola-

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BALKAN WELAÝATYNDA TÄZE DESGALARYŇ DÜÝBÜNI TUTDY WE DÖWREBAP TOPLUMLARYŇ AÇYLYŞ DABARALARYNA GATNAŞDY

14-nji iýulda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Jebel şäherçesinde täze Halkara howa menziliniň düýbüni tutmak hem-de welaýat merkezi Balkanabat şäherinde «Türkmeniň ak öýi» binasynyň açylyş dabaralaryna gatnaşdy.

Täze howa menziliniň düýbüniň tutulýan ýerine — Jebel şäherçesine gelende, Türkmenistanyň Prezidenti ýygnananlara hem-de watandaşlarymyza ýüzlenip, Garaşsyz, Bitarap Watanymyz gün-günden rowaçlanyp, ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly barýar diýip, ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösýändigini we mähriban halkymyzyň hal-ýagdaýynyň, ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygyny belledi.



Ynha, şu gün hem biz Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde sagatda 100 ýolagça hyzmat etmäge niýetlenen täze Halkara howa menzili toplumynyň dabaraly ýagdaýda düýbüni tutýarys. Potratçysy bäsleşik esasynda kesgitlenjek bu halkara toplumyň gurluşygy ýurdumyzyň Hökümeti bilen Abu-Dabiniň Ösüş gaznasynyň arasynda baglaşylan Karz ylalaşygyna laýyklykda maliýeleşdirilýär. Munuň özi Bitarap döwletimiziň dünýä ýurtlary bilen ysnyşykly, özara bähbitli ykdysady gatnaşyklarynyň barha rowaçlanýandygynyň, berkarar döwletimiziň ygtybarly hyzmatdaş hökmünde halkara abraýynyň uludygynyň aýdyň subutnamasydyr.

200-e golaý işgär işlejek täze Halkara howa menziliniň umumy meýdany 275 gektara barabar bolar. Taslamanyň düzüminde birnäçe binalardyr desgalar bar. Olaryň hatarynda ýolagçy we ýük terminallaryny, howa hereketini dolandyryş diňini, halas ediş hem-de ýangyna garşy göreş gulluklarynyň binasyny görkezmek bolar. Bu ýerde uzynlygy 3 müň 200 metr bolan döwrebap uçuş-gonuş zolagy, iki öwrüm ýollary, alty howa gämisine hem-de dört dikuçara niýetlenen meýdança hem gurlar. Ýöriteleşdirilen aerodrom we howa gämilerine ýerüsti hyzmat ediş gulluklarynyň binalary, jemi 15 sany esasy desga bina ediler. Uçarlara ýerüsti hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin täze Halkara howa menzilini dürli görnüşli 45 sany ýöriteleşdirilen ýerüsti tehnikalar bilen üpjün etmek hem göz öňünde tutulýar.

Nesip bolsa, ýene-de üç ýyldan bu ýerde döwrebap howa menzili bina ediler, dürli kysymly howa gämileri uçup-gonar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, düýbi tutulýan täze Halkara howa menzili toplumy berkarar döwletimiziň raýat awiasiýasynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny düýpli pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolar. Ol howa ulaglary arkaly ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň möçberlerini artdyrmakda, ýurdumyzy ykdysady taýdan has-da ösdürmekde, halkymyza döwrüň talaplaryna laýyk hyzmat etmekde wajyp orny eýelär.

Döwlet Baştutany bular barada aýdyp, Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga mynasyp goşant goşjak bu täze desganyň gurluşygynda işlejek, işe girizilenden soň toplumda zähmet çekjek adamlaryň ählisine uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra döwlet Baştutany welaýatyň merkezi Balkanabat şäherinde döwrebap «Türkmeniň ak öýi» binasynyň we 3000 orunlyk sadaka jaýynyň dabaraly ýagdaýda ulanmaga beriljekdigini belledi. Ýurdumyzyň günbatar welaýatynyň görküne görk goşjak «Türkmeniň ak öýi» binasy döwletli maslahatlary we dürli köpçülikleýin çäreleri geçirmäge niýetlenilýär. Bu ajaýyp bina şanly seneleri, baýramçylyk we toý dabaralaryny, şowhunly aýdym-sazly çykyşlary hem-de at üstündäki oýunlary guramak üçin ähli şertler döredilen merkeze öwrüler.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow gün-günden gözelleşýän gadymy Balkan topragynda täze howa menziliniň düýbüniň tutulmagy we «Türkmeniň ak öýi» binasynyň açylyp ulanmaga berilmegi bilen dabara gatnaşyjylary hem-de watandaşlarymyzy tüýs ýürekden gutlady. Olaryň ählisine berk jan saglyk, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Goý, bu ajaýyp binalar geljek nesillerimize bizden hemişelik ýadygär galsyn diýip, Türkmenistanyň Prezidenti çykyşyny jemledi.

Soňra dabara gatnaşyjylara Jebel şäherçesindäki täze guruljak Halkara howa menzili hem-de onuň esasy häsiýetnamalary barada anyk düşünje almaga mümkinçilik berýän wideoşekiller görkezildi.

Bu ýerde döwlet Baştutany çagalar hem-de uly ýaşly nesliň wekilleri bilen ýadygärlik surata düşdi.

Dabara tamamlanandan soň, milli Liderimiz awtoulagynda Balkanabada, «Türkmeniň ak öýi» binasynyň açylyş dabarasynyň geçirilýän ýerine ugrady.

Ýol ugrunda hormatly Prezidentimiz şäheriň «Gaýragoýulmasyz Tiz kömek» merkeziniň golaýynda saklandy. Lukmançylyk edarasynyň öňündäki meýdançada döwlet Baştutanymyzy saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri tüýs ýürekden mübäreklediler.

Döwlet Baştutany halkymyzyň, esasan-da, ösüp gelýän ýaş nesliň saglygy baradaky hemmetaraplaýyn aladanyň Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudygyny belläp, ýakynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilendigini aýdyp, bu gaznadan welaýatyň etraplarynyň we şäherleriniň hassahanalarynyň çagalar bölümleri üçin täze «Tiz kömek» awtoulaglarynyň 10-syny sowgat bermek baradaky karara gelendigini habar berdi.



Döwlet Baştutany lukmanlar bilen hoşlaşyp, olaryň asylly we jogapkärli işlerinde üstünlikleri arzuw edip, Balkanabatda gurlan “Türkmeniň ak öýi” binasyna tarap ugrady.

Balkan welaýatynyň edara ediş merkeziniň täze binagärlik ajaýyplygyna öwrülen bu iri durmuş-medeni maksatly desga milli Liderimiziň 2018-nji ýylda gol çeken degişli Kararyna laýyklykda guruldy. Bu ýerde baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy ruhubelentlik bilen garşyladylar.

Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda döwlet Baştutany bäş welaýatyň we paýtagtymyzyň hormatly ýaşululary hem-de kümüş saçly eneleri bilen bilelikde toý bagyny kesdi. Täze ajaýyp desga açyldy.



Şanly waka mynasybetli «Türkmeniň ak öýi» binasynda milli amaly-haşam sungaty hem-de döredijiligiň görnüşleri, milli senetçiligiň özboluşlylygy barada düşünje almaga mümkinçilik berýän sergi guraldy. Döwlet Baştutanymyz giň gerimli sergini synlady, ol türkmen halkynyň köpugurly döredijilik zehininiň hem-de örän baý taryhy-medeni mirasyna ygrarlylygynyň aýdyň subutnamasyna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmeniň ak öýi» binasynyň bezegi we abadanlaşdyrylyşy, onuň keşbindäki şähergurluşyk ulgamyndaky öňdebaryjy gazanylanlar hem-de milli binagärligiň iň gowy däpleri, dürli derejedäki çäreleri, baýramçylyk dabaralaryny geçirmek üçin döredilen şertler bilen tanyşdy.

Ägirt uly ak öý görnüşinde bina edilen we üç müň adama niýetlenilen «Türkmeniň ak öýi» binasy halkymyzyň gadymdan gelýän asylly myhmansöýerlik däp-dessurlaryny alamatlandyrýar hem-de abadançylygyň we ösüşiň nyşany bolup durýar. Durmuş üpjünçilik ulgamynyň toplumy bilen üpjün edilen bu bina häzirki zaman gurluşyk hem-de timarlaýyş serişdeleri esasynda guruldy. Onuň içki bezeginde ulanylan milli binagärlik sungatynyň usullary hem-de haly nagyşlary aýdyň milli öwüşgini bilen tapawutlanýar.

«Türkmeniň ak öýi» toplumynda zerur häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen giň konsert zaly, iş otaglary we beýleki ugurdaş otaglar, eýwan göz öňünde tutuldy. Bu 3 müň orunlyk sadaka üçin aýratyn binany hem öz içine alýan tutuş desgalar toplumydyr. Onuň ýanaşyk çäkleri doly abadanlaşdyryldy hem-de bagy-bossanlyga büreldi, köp sanly pürli agaç nahallary hem-de bezeg ösümlikleri ekildi, bina gelýän ýol çekildi, bezeg, yşyklandyryş enjamlary gurnaldy.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow täze desga bilen tanyşlygyny tamamlandan soňra, şanly waka mynasybetli guralan welaýatyň sungat ussatlarynyň konserti geçirilýän zala bardy.

Baýramçylyk konserti «Magtymguly, sözlär tili türkmeniň» atly edebi-sazly çykyş bilen açyldy. Soňra welaýatyň belli aýdymçylary we döredijilik toparlary çykyş edip, joşgunly aýdymlary, tanslary bilen ussatlyklaryny görkezdiler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» at üstündäki milli oýunlar topary hem ajaýyp öwüşginli çykyşyny taýýarlady.

Konsert tamamlanandan soňra, milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Hormatly myhmanlar üçin kitaba ýadygärlik ýazgy ýazdy.

Döwlet Baştutanymyz geçirilen ajaýyp wakanyň şanyna Balkanabat şäherinde gurlan «Türkmeniň ak öýi» binasynda işlejek döredijilik toparlary üçin niýetlenilen täze awtobusy sowgat berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz baýramçylyk sadakasyna gatnaşdy. Sadaka tamamlanandan soňra, milli Liderimiz ýygnananlar bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Şol gün döwlet Baştutanymyz paýtagtymyz Aşgabada gaýdyp geldi.

Milli Liderimiz paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde Balkan welaýatyna bolan iş saparynyň jemlerine bagyşlanan maslahat geçirdi. Onuň dowamynda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli çözmek boýunça çäreler, şanly senelere taýýarlyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI GEÇIRILDI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

gy boýunça gezelenç guralar.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň baş direktory M.Çakyýew 6-njy awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyny ýokary derejede geçirmek maksady bilen görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna degişli 9620 inedördül metr meýdanda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli önümleriniň sergisi üçin gurnama işleri alnyp barylýar. Onda milli pawilýonlary, ýurdumyzyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň pawilýonlaryny ýerleşdirmek meýilleşdirilýär. Hasabatyň çäklerinde foruma gatnaşyjylary hem-de daşary ýurtly myhmanlary aragatnaşyk we ýokary tizlikli internet hyzmatlary, şeýle hem ulag serişdeleri bilen üpjün etmek boýunça taýýarlyk işleriniň alnyp barylýandygy habar berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow öňde boljak halkara çärelere görülýän taýýarlyk işleri, şeýle hem halkara forumlaryň çäklerinde guraljak sergileriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegi ugrunda alnyp barylýan toplumlaýyn taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Guraljak çärelerde, sergilerde Türkmenistanyň ýeten derejesiniň, halkymyzyň baý medeni-ruhy mirasynyň, asyrlaryň dowamynda döredilen milli gymmatlyklaryň öz beýanyny tapmagy ugrunda degişli düzümler bilen bilelikde, ýörite işler geçirilýär we çäreleriň medeni maksatnamasy taýýarlanylýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa 6-njy awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi meýilleşdirilen halkara çäreleriň maksatnamasy barada hasabat berdi.

Meýilleşdirilen halkara çäreleriň düzüminde muzeý gymmatlyklarynyň we amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisini, Türkmenbaşy şäherindäki Ruhyýet köşgünde hem-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky deňiz suw çüwdürimli seýilgähde Türkmenistanyň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň medeniýet we sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konsertini geçirmek göz öňünde tutulýar.

Halkara ähmiýetli çäreleri ýokary derejede guramak maksady bilen, ugurdaş düzümler bilen bilelikde, medeni maksatnamany taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Artistleriň çykyşlarynda ýurdumyzyň ýeten belent sepgitleri, halkymyzyň abadançylygy we Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda ýurtda halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň üstünlikli ösüşi öz beýanyny tapar.

Döwlet Baştutany mukaddes Garaşsyzlygyň 30 ýyllygy mynasybetli Diýarymyzyň dürli künjeklerinde medeni-durmuş maksatly binalaryň 34-siniň gurlup, ulanylmaga berilmeginiň, ýene-de şu ýylyň dowamynda birnäçe desganyň gurluşygynyň tamamlanmagynyň ýurdumyzyň sazlaşykly ösüş ýoluna düşendigini, munuň mähriban halkymyzyň yhlasly zähmetiniň aýdyň netijesi bolup durýandygyny belledi.

Soňra milli Lider giňişleýin mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki döwürde Garaşsyz, Bitarap Watanymyzda şanly senelere hemmetaraplaýyn taýýarlyk görülýändigini, mukaddes Garaşsyzlygyň 30 ýyllygy mynasybetli birnäçe desgalaryň gurlup ulanylmaga berlendigini, şeýle hem şu ýylyň dowamynda ýene-de köp sanly binalaryň gurluşygynyň tamamlanjakdygyny aýdyp, täze desgalaryň halkymyz, ýurdumyz üçin ajaýyp baýramçylyk sowgatlaryna öwrüljekdigini belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň, şol ýurtlaryň zenanlarynyň dialogynyň we olar bilen bagly çäreleriň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmeginiň aýratyn mana eýedigini belledi. Munuň özi Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassa kenarynda ýerleşýän milli syýahatçylyk zolagynyň halkara hyzmatdaşlygyň ykrar edilen merkezine öwrülýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Döwlet Baştutany öňde boljak halkara çäreleriň sebitiň döwletara gatnaşyklarynyň hem-de sebitiň ýurtlarynyň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Milli Lideriň belleýşi ýaly, şu ýylyň 6-njy awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda jemi 6 sany möhüm halkara çäre geçiriler. Olar Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyndan, sebitiň ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogyndan, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halkara sergisinden, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumyndan, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň milli tagamlarynyň sergisinden, sebitiň ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konsertinden ybaratdyr. Olaryň ählisi Türkmenistanyň Merkezi Aziýada halkara maslahatlaryň geçirilýän ýurdy hökmünde eýeleýän ornunyň barha pugtalanýandygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz halkara çäreleri ýokary derejede guramak maksady bilen, Guramaçylyk toparyny döretmek barada karara gelendigini mälim etdi. Toparyň düzümine wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary S.Berdimuhamedow, Ç.Amanow, Ç.Gylyjow, M.Mämmedowa, M.Geldinyýazow, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň baş direktory M.Çakyýew girdi. Milli Liderimiz wise-premýer, daşary işler ministrini Guramaçylyk toparynyň ýolbaşçysy hökmünde belläp, oňa öňde boljak halkara çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Türkmenistanyň Prezidenti daşary ýurtly myhmanlaryň türkmen halkynyň gadymdan gelýän myhmansöýerlik däplerine we häzirki zaman talaplaryna laýyklykda mynasyp garşylanylmagyny üpjün etmegiň zerurdygyny nygtady. Munuň üçin degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň ýola goýulmalydygyny belledi.

Milli Lider sözüni dowam edip, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy atly birinji forumy guramak meselelerine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmeginiň möhümdigini belledi. Munuň özi Türkmenistanyň netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge we sebitde hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga uly goşandy bolar.

Ýurdumyzyň degişli ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde forumyň maksatnamasynda görkezilen ähli çäreleri ýokary derejede geçirmek üçin zerur tagallalar edilmelidir diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Milli Lider Balkan welaýatyna gözegçilik edýän wise-premýer S.Berdimuhamedowa ýüzlenip, öňde boljak çäreleri guramaçylykly geçirmek boýunça teklipleri hem-de Daşary işler ministrligi bilen bilelikde ykdysady forumyň meýilnamasyny işläp taýýarlamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutany öňde boljak halkara forumlaryň, şol sanda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň çykyşlaryny, milli amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisini, sebitiň halklarynyň milli tagamlarynyň sergisini hem öz içine alýan forumlaryň çäklerinde göz öňünde tutulan medeni çärelere ünsi çekip, olaryň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Milli Lider Gurbanguly Berdimuhamedow forumlara gatnaşyjylary ýokary tizlikli internet we halkara aragatnaşyk ulgamy bilen üpjün etmek meselelerine aýratyn ünsi çekip, zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutany Türkmenbaşynyň Halkara deňiz portunda geçiriljek Merkezi Aziýa ýurtlarynyň önümleriniň sergisini ýokary derejede guramak babatda hem anyk görkezmeleri berdi.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň düzümleriniň howa menzilinde we serhet geçiriş nokatlarynda wekiliýet agzalarynyň polimeraz zynjyrly reaksiýa barlagyny guramak, kesgitlenen ýerlerde hereket edýän lukmançylyk nokatlarynyň gije-gündiziň dowamynda nobatçylygyny ýola goýmak zerurdyr diýip, döwlet Baştutany nygtady. Mundan başga-da, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow halkara forumlaryň geçirilýän döwründe düzgün-tertibi ýola goýmak, ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerine ünsi çekip, degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ähli çäklerinde, myhmanhanalarda arassaçylyk, abadançylyk çärelerine-de möhüm ähmiýet berilmelidir. Bagy-bossanlyga bürenen Awazanyň ähli ýerlerinde ýokary ekologik ýagdaýyň saklanylmagy bilen baglanyşykly meseleler ünsden düşürilmeli däldir diýip, mejlisiň barşynda bellenildi.

Giňişleýin mejlisiň dowamynda döwlet Baştutany meýilleşdirilen çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça Guramaçylyk toparyny döretmek hakyndaky Karara gol çekdi.

Milli Lider Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň sebit we halkara ähmiýetli çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülendigini nazara alyp, meýilleşdirilen halkara çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegine dahylly düzümleriň sazlaşykly işiniň ýola goýulmalydygyny belledi. Munuň özi «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygyň 30 ýyllygyny dabaralandyrýan ýurdumyzyň Merkezi Aziýa sebitinde eýeleýän ornuny pugtalandyrýar diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutany taryhy ähmiýetli halkara çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň özüniň ýokary derejesine kybap gelmelidigine ünsi çekdi.

Döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň möhüm meselelere garalan giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, halkymyzyň bagtyýarlygyny, ýurdumyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

# Делегация Туркменистана приняла участие в Международной конференции «Центральная и Южная Азия: региональная взаимосвязанность. Вызовы и возможности»

Распоряжением Президента Туркменистана в период 14-16 июля 2021 года туркменская делегация находилась с визитом в городе Ташкент Республики Узбекистан для участия в Международной конференции высокого уровня «Центральная и Южная Азия: региональная взаимосвязанность. Вызовы и возможности». Делегацию возглавил Заместитель Председателя Кабинета Министров, Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов.



Накануне форума, 14 июля по инициативе туркменской стороны состоялась встреча министров иностранных дел государств Центральной Азии. Главы МИД Казахстана, Таджикистана Туркменистана, а также первый заместитель Министра иностранных дел Кыргызской Республики обсудили наиболее актуальные вопросы сотрудничества между странами региона в политической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной областях.

Детально обсуждена подготовка к Консультативной встрече глав государств Центральной Азии, а также организуемым в ее рамках мероприятиям политического, экономического и гуманитарного характера. Как известно, данная встреча намечена к проведению в Туркменистане 6-го августа текущего года.

В ходе переговоров руководители внешнеполитических ведомств обменялись мнениями касательно повестки дня предстоящей встречи, а также обсудили договорно-правовую часть предстоящей Консультативной встречи, в частности, планируемые к принятию документы. Также рассмотрены организационно-протокольные вопросы.

В рамках беседы также обсуждены актуальные вопросы многостороннего взаимодействия на региональном и международном уровнях.

15 июля на площадке Международной конференции высокого уровня в Ташкенте также прошли переговоры в рамках формата «С5+1» между руководителями внешнеполитических ведомств стран Центральной Азии и делегацией США во главе с Советником Президента по вопросам внутренней безопасности Элизабет Шервуд-Рендалл.

На переговорах принял участие Залмай Халилзад, Спецпредставитель США по вопросам примирения Афганистана.



В ходе конструктивной беседы состоялся обмен мнениями по укреплению взаимосвязанности между Южной и Центральной Азией в созвучии с тематикой Международной конференции высокого уровня, проходящей в Ташкенте.

Обсуждены ключевые направления эффективного сотрудничества между странами Центральной Азии и США в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной областях. Борьба с изменением климата и экологическими проблемами, развитие транспортно-транзитного потенциала региона озвучены среди приоритетных направлений взаимодействия.

Выражена заинтересованность в продолжении дипломатического диалога, нацеленного на укрепление сотрудничества по противодействию угрозам и вызовам региональной безопасности. Обсуждая афганскую тематику, участники встречи выразили приверженность созданию стабильных и благополучных условий, способствующих мирному урегулированию ситуации в Афганистане.

По итогам переговоров участники встречи приняли Совместное заявление.

Также, 15 июля состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова со Специальным представителем ЕС по Центральной Азии г-жой Тери Хакала.

Отметив своевременность и эффективность встречи в очном формате, стороны обсудили актуальные вопросы сотрудничества между Туркменистаном и Европейским Союзом. Детально рассмотрен уровень торгово-экономических связей и взаимодействие по гуманитарной линии. Стороны проанализировали текущие и перспективные совместные проекты, в том числе в области здравоохранения, экологии, транспорта, образования.



Особый акцент сделан на ключевых аспектах региональной и международной повестки дня. Дипломаты высказались за усиление внешнеполитической координации для поддержания региональной стабильности и безопасности. В этом контексте подтверждена действенность налаженного механизма сотрудничества ЕС со странами Центральной Азии.

В рамках визита в Республику Узбекистан, 15 июля Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов провел встречу с Министром иностранных дел Республики Таджикистан Сироджиддином Мухриддином.

Обсуждая приоритетные направления двусторонней повестки, министры детально коснулись вопросов взаимодействия в рамках региональных и международных организаций.

Так, в ходе конструктивной беседы рассмотрены вопросы организации встреч на высоком уровне с участием высокопоставленных представителей двух стран. Особо подчеркнута эффективность механизма партнерства в виде политических кон-

*(Окончание на 3-й стр.)*

Интернет газета
Международные новости

# TURKMENISTAN STANDS FOR ACTIVE COOPERATION WITH THE UNITED NATIONS OFFICE ON DRUGS AND CRIME

On the 14th of July, a review meeting over videoconferencing was held on the topic of developing the practical measures for further cooperation between Turkmenistan and the United Nations Office on Drugs and Crime for the period of 2019-2020.

tional Program on the counteraction on human trafficking for the period of 2020-2022. Given this context, the Turkmen side has offered to develop a roadmap for the next period, in which the focus will be made on digitalization and promotion of the human potentials in all spheres of



The meeting was attended by the United Nations Office for Drugs and Crime (UNODC) Regional Representative for Central Asia Ms.Ashita Mittal, the Head of the Program Office of UNODC in Kazakhstan Mr.Naveed Riaz, CARICC Coordinator, and coordinators of the regional and international programs as well.

The Turkmen side was represented by Vepa Hajiyev, the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan. The delegation included representatives of law enforcement agencies, Ministry of Healthcare and Medical Industry of Turkmenistan.

The Head of the Turkmen delegation has noted that Turkmenistan successfully realizes precautionary measures in the format of educational activities, the National cooperation.

It should be noted that cooperation with the UNODC on the grounds of Central Asian Regional Information and Coordination Centre is on the priority. Currently Turkmenistan takes active measures on the acceptance of the chairmanship of the abovementioned organization.

During the meeting, the sides have analyzed the achievements and results of the work undertaken to fight the illegal traffic of drugs in the region for the period of 2019-2021.

The participants have expressed the significance of further expansion of the collaboration for the full realization of earlier adopted mutual plans and programs.

## *Turkmen delegation took active part in the Ministerial Conference of the Non-Aligned Movement*

During the period of 13-14 July, the Mid-term Ministerial Conference of the Non-Aligned Movement (NAM) took place through videoconferencing. Turkmenistan at the session was represented by the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Vepa Hajiyev.

Turkmenistan called for active participation of the countries in the International Forum of Medical Scientists, which the Turkmen side aims to convene jointly with the WHO in autumn of current year for the development of cooperation on equal access to healthcare ser-



vices and vaccination.

This representative Conference has united the heads of external policy agencies of tens of world countries standing for the advancement of the goals of the Non-Aligned Movement. At the opening of the session, the participants listened to the video statement of the President of the Republic of Azerbaijan Ilham Aliyev.

After that, the general debate on the topic "Non-Aligned Movement at the center of multilateral efforts in responding to global challenges" has also started.

Speaking at the Conference, the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan noted the importance and timeliness of the session. He drew attention to the statement of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov during the 18th Summit of the Non-Aligned Movement in May 2020 where the vision of the Turkmen side was reflected on how the NAM Member States can advance cooperation for the sake of peace, security and sustainable development.

In this respect, the initiatives of Turkmenistan on key issues of the international agenda were voiced, including the struggle with the pandemic, climate change and financing the process of attaining the Sustainable Development Goals.

Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan drew the attention to the initiative of the President of Turkmenistan on working out a UN Strategy aimed at the implementation of measures for the development of low carbon energy and preparation of an International Roadmap under the UN auspices on the development of hydrogen as one of the priorities in the field of alternative energy.

The significance of ensuring sustainable transport in emergencies was also stated that is reflected in the draft resolution presented by the Turkmen side, which is being considered by the 75th session of the UN General Assembly.

